Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2025-nji ýylyň 13-nji iýunynda çykaran 72-iş belgili

**BUÝRUGY**

**Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2019-njy ýylyň 20-nji maýynda çykaran 73-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanan, Türkmenistanda banklaryň üsti bilen amala aşyrylýan pensiýalary, pensiýalara goşulýan goşmaça tölegleri, döwlet kömek pullaryny we olara goşulýan goşmaça tölegleri, birwagtlaýyn pul sylaglaryny we birwagtlaýyn pul kömegini tölemegiň we çykdajylary maliýeleşdirmegiň tertibine üýtgetme we goşmaça girizmek barada**

Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda kodeksiniň 8-nji maddasynyň üçünji bölegine, 2017-nji ýylyň 26-njy awgustynda kabul edilen "Hukuk namalary hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 30-njy maddasyna laýyklykda, **buýurýaryn:**

1. Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2019-njy ýylyň 13-nji iýunynda 1237 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, "Türkmenistanda banklaryň üsti bilen amala aşyrylýan pensiýalary, pensiýalara goşulýan goşmaça tölegleri, döwlet kömek pullaryny we olara goşulýan goşmaça tölegleri, birwagtlaýyn pul sylaglaryny we birwagtlaýyn pul kömegini tölemegiň we çykdajylary maliýeleşdirmegiň tertibini tassyklamak barada" Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2019-njy ýylyň 20-nji maýynda çykaran 73-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanan, Türkmenistanda banklaryň üsti bilen amala aşyrylýan pensiýalary, pensiýalara goşulýan goşmaça tölegleri, döwlet kömek pullaryny we olara goşulýan goşmaça tölegleri, birwagtlaýyn pul sylaglaryny we birwagtlaýyn pul kömegini tölemegiň we çykdajylary maliýeleşdirmegiň Tertibiniň otuz dördünji böleginde:

1) birinji tesimini şu görnüşde beýan etmeli:

Pensiýa, döwlet kömek puly, ony alýan adamyň arzasy boýunça onuň bankda açylýan hasabyna ýa-da bank kartyna geçirilip bilner. Şeýle ýagdaýda pensiýalary ýa-da döwlet kömek pullaryny alýanlar her alty aýdan bir gezek Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň degişli ýerli edarasyna gelip, bellenilmäge borçludyrlar. Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň degişli ýerli edarasynda bellenilmek sanly ulgam arkaly hem amala aşyrylyp bilner.";

2) ikinji tesiminde "gelmedik" diýen sözden soň "ýa-da sanly ulgam arkaly bellenen wagtynda bellenilmedik" diýen sözleri goşmaly.

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň dolandyryjysy gözegçilik etmeli.

**Ministr** **M.Sylapow**

| | |
|---|---|
| **"YLALAŞYLDY"** | **"YLALAŞYLDY"** |
| Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministri | Türkmenistanyň Merkezi bankynyň müdiriýetiniň başlygy |
| ______________M.Astanagulow | _________________T.Mälikow |
| "____" ______________ 2025ý | "____" ______________ 2025ý. |

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2025-nji ýylyň 18-nji iýulynda 1885 bellige
alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.